# Kesbinden kemal tapan

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kesbinden kemal tapan KESBINDEN KEMAL TAPAN

- **Türkmen sportunyň ösmegine saldamly goşant goşanlaryň biri-de Kurambaý Sadykowdyr**

Daşkent şäherindäki bedenterbiýe institutynyň uçurymy, 1968-1969-njy ýyllarda boks boýunça Daşkent şäheriniň çempiony, ýurdumyzda sport ussatlarynyň onlarçasyny taýýarlap, kemala getiren, Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi Kurambaý Sadykow diňe bir Daşoguz welaýatynda dol, eýsem Türkmenistanyň ähli künjeginde sportuň boks söýüjileriniň arasynda uludan-kiçä tanalýan, sylanýan we hormat goýulýan ussat.
Hakykatdan-da, Kurambaý aga şeýle sylaga we hormata mynasyp halypa, eserdeň adam, talabediji tälimçi we tutanýerli türgenleşdiriji. Ol başlan işini ahyryna çenli alyp barmagy endik edinen, ýadamany-ýaltanmany bilmeýän jepakeş ynsanlardan. Onuň maksada laýyk alyp barýan işleri bolsa iň soňunda özüniň garaşdyrýan netijelerini berip başlaýar. Kurambaý halypanyň taýýarlan her bir şägirdi jogapkärli ýaryşlarda ringe çykanlarynda özleriniň kämil taýýarlyk derejesi, tilsimat taýýarlygy taýdan tapawutlanýandygy, başarnyk we çydamlylyk jähtden beýlekilerden bir gez ýokarydygy bilen alamatlandyrylýar.
Kurambaý aga Daşoguz şäherindäki 5-nji orta mekdebiň 4-nji synpynda okaýarka, sportuň ýeňil atletika görnüşi bilen içgin meşgullanyp başlaýar. Ol şonda çalasynlygy, tizligi, çeýeligi hem çaltlygy taýdan ýoldaşlaryndan tapawutlanýardy. Edil şu sypatlar oňa tebigy berlen ýalydy. Hut şonuň üçinem ol 400 we 800 metr aralyklara ylgamakda önüne adam geçirmezdi.
1966-njy ýylda Kurambaý Sadykow Daşkendiň bedenterbiýe institytyna kabul edilýär. Ol ýede boks boýunça öňki soýuzyň üç gezek çempiony, hormatly sport ussady Iosif Abramowiç Budman bu ýaş ýigidi öz ýiti nazaryndan sypdyrmaýar we ony

dessine boksa çekýär. Talyp ýigit gysga wagtyñ içinde özüne bildirilen ynamy ödeýär. Boksuñ tilsimatlaryny tizara özleşdirýär, bu ugurdan bärden gaýtmalary ýeñip geçýär we çydamlylygyny ösdürýär. Şeýle tutanýerlilik we erjel hereketler hem oña ringde üstünlikler getirip başlaýar. Ýogsam ol garşydaş bäsdeşleriñ sanynyñ iñ bir köp hasap edilýän 63,5 kilogram agramda çykyş edýärdi. 1968-nji we 1969-njy ýyllarda ol bassyr iki ýyl öz agramynda Daşkent şäheriniñ çempiony bolýar.
1970-nji ýylda öz ugrundan hünäri kemsiz ele alyp, ýokary okuw mekdebini tamamlap, Daşoguz şäherine işe gelýär. Bu ýerde şol döwürde sportuñ boks görnüşi düýbünden ýokdy. Kurambaý halypa onuñ ýola goýulmagy üçin tutanýerli tagallalary edip başlaýar. Türgenleşik geçiriljek ýerleri, enjamlary, serişdeleri, gündelik möhüm abzallary kem-kemden ýola goýýar, çagalaryñdyr ýetginjek ýaşlaryñ arasynda bokay yzygiderli wagyz edýär.
1977-nji ýylda Kurambaý halypanyñ arzuwy hasyl bolýar. Şol döwürlerde ol ýaşlara tälim bermek bilen bir hatarda Türkmenistanda geçirilýän ululy-kiçili ýaryşlarda-da çykyş edýärdi. 1977-nji ýylda ol boks boýunça Türkmenistanyñ çempionatynda 91 kilogram agramlyk derejede çykyş edip, ikinji baýrakly orny eýeleýär.
Şeýdip Kurambaý halypanyñ bar ünsi, aladasy we işi şägirt ýetişdirmeklige gönükdi. Şu maksat bilen gije-gündiz zähmet çekmegi alnyp barylýan asylly işleriñ ilerlemegine itergi berýärdi.
Kurambaý Sadykow tälimçi halypa bolup işlän 30 ýyldan gowrak wagtynyñ içinde öz welaýatynda boksy ýokary derejede ösdürmek hem-de ösüp gelýän ýaş nesilde bu sporta bolan höwesi artdyrmak bilen çäklenmän, eýsem boksdan onlarça sport ussatlaryny taýýarlady. Alyşir Jepbarow, Döwran Atajanow, Nuretdin Atakow, Bahadur Sadykow, Araz Begnepesow, Saparbaý Şükürow, Bahram Kerimow, Dädebaý Geldinazarow, Arslan Ýusubow, Merdan Sadykow ýaly sport ussatlary biziñ aýdanlarymyza doly şaýatlyk edýär.
2003-nji ýylyñ maýynyñ ilkinji günlerinde ululáryñ arasynda geçirilen Türkmenistanyñ boks boýunça çempionatynda Kurambaý

Sadykowyň iki şägirdi – Merdan Sadykow bilen Şöwket Mäşeribow öz agramlarynda ýurdumyzyň çempiony boldular, bäş şägirdi bolsa üçünji baýrakly orny eýeledi.
Ýene bir zady belläp geçmek gerek. Kurambaý Sadykowyň boksçylar maşgalasy bar. Onuň sekiz oglunyň altysy boksçy. Bahadur bilen Merdan sport ussatlary. Batyr bilen Serdar sport ussatlygyna tamakinler, Perman bilen Ylham bolsa birinji derejeli boksçular hasaplanylýar.
«Ata kesbi – ogla halal» diýişleri ýaly, ogullary hem atasynyň kemal tapan kesbiniň mynasyp dowan etdirijileridir.

Agamyrat ATANYÝAZOW. Sport we turizm